Magtymguly öz mähriban halkynyň beden hem ruhy taỳdan sagdyn ỳaşamagy üçin gije-gündiz alada edpdir. Onuň diwanynyň uly bölegi, çagalaryň terbiỳesinden başlap ulylaryň has kämilleşmegi ulgamynda ỳazan öwüt-nasyhatlaryndan ybaratdyr. Nas atmak, çilim çekmek ỳaly beden saglygyna zyỳanly ham-de gyỳbat, bahyllyk, husytlyk, ỳalançylyk, iki yüzlülik we päli ỳamanlyk ỳaly ruhy sagdynlyga howply we halky tozamaga alyp barỳan gylyk-häsiỳetleriň garşysyna yzygiderli çykyş edip göreşipdir. Bularyň her biri hakynda aỳdan goşgulary biziň hemmämize örän tanyşdyr.Magtymgulynyň goşgularynda “mertlik” we “namartlyk” meselesi erş-argaç bolup geçỳär. Sebäbi ol, ähli oňat hem köpçülige bähbitli gylyk-häsiỳetleri “mertlik” we ähli ziỳanly häsiỳetlrti bolsa “namartlyk” sözleri bilen beỳan edỳär. Aşakdaky nusgalara üns bereliň:

Mert oldur ki bolsa köňli rähimli,
Göwresi giň gerek, özi pähimli,
Giň ỳerde garga deỳ bolsun wähimli,
Ỳerinde hünäri, işi gerekdir.

***

Namart çaşyr küren ile baş bolsa,
Aỳbyn açar, öz ilinden daş bolsa,
Serhoş bolan goç ỳigide duş bolsa,
Salar gyljyn, üçi nedir dört nedir.

Magtymguly aỳlan pelegiň çarhy,
Tanyr sen şol zaman duş gelen nyrhy,
Namardyň ỳanynda ỳok iliň parhy,
Pälin gözlär, mekan nedir, ỳurt nedir.

***

Owal akan ỳerden akarmyş aryk,
Men-menlik edeniň tanapy çüỳrük,
Mertden aşna tutsaň abraỳňa şärik,
Namart aşnasyna hile getirmiş.

Magtymguly ikiyüzlülige hem gözboỳagçylyga garşy yzygiderli çykyş edỳär. Ol, bir ta-rapdan hakyky sopylary hormatlap ulu pirleri öz ussady hökmünde sylaỳar, emma ili aldap öz bähbidini araỳan ruhanylary bolsa berk tankytlaỳar:

Все права защищены

Işanlary her gapyda tapylar,
Mollalarna ýok myjabat ýapylar,
Öwülýä men diýip jögi sopylar,
Gygyryp, asmana böke başlady.

***

Aşyk men diýp lap urarlar ýalandan,
Bellisini aýdar sorsaň bilenden,
Il gözüna ýüz ýyl tagat kylandan,
Ýagşydyr bir säher gözden ýaş gelse.

**Taňyrberdi HALLYÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet**
**energetika institutynyň mugallymy**

Все права защищены